# Ömürnama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ömürnama ÖMÜRNAMA

Çarhy pelek hoş etmedi,
Gamhanadan boşatmady.
Hyýalyň belent daglarda,
Bürgüt ganat guş etmedi.

Habaryň barmy aý, günden?
Garrap barýaň günbe-günden!
Gülesim gelýär göwünden,
Göwünleri joş etmedi.

Tilki, şagal arasynda,
Söz diýmersiň barasynda.
Diýdim: «Hudaý halasyn-da!“
Garran çagyň ýaş etmedi.

Äjit-mäjit, eňkir-müňkür,
Ýoklugyna bolman müňkür.
Aldygyna gazýar çukur,
Ýykylany eşitmedi.

Binamysy bigadyrdyr,
Bigadyry biadyldyr.
Göwün niçeme nadyldyr,
Bäş dogana baş etmedi.

Äňet döwrüň baýhatyna,
Darkaşyna, heýhatyna.
Münsem düldül gyratyma,
Başartmady, başartmady.

Wasp etdigim goşa mary,
Ýetik goşgy, gazal bary.
Giderdim bir zülpütary,

Ykbal maňa noş etmedi.

Eýle boldy, beýle boldy,
Gün günortan öýle boldy.
Ýas-da boldy, toý-da boldy,
Paýymyzy boş etmedi.

Pirim diýmiş:“Alla ýaryň!
Ýoly açyk Allaýaryň“.
Urdum gözünden haýýaryň,
Ýarpy-ýalta huş etmedi.

Öz-özüme kazy menem,
Şol köplügiň azy menem.
Takdyrymdan razy menem,
Gyşartmady, gyşartmady.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular